# Traklar

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Traklar

TRAKLAR

Rumyniýanyň Danube etraplary bilen Trakýanyň aralygyndaky ümmülmez Balkan giňişliginde b.e.öň VI-III asyrlarda ýaşan ýarym oturymly traklardan (Thracians) biziň günlerimize ýazuw ýadygärlikleri gelip ýetmändir.
Muňa garamazdan traklaryň hindi-ýewropa dilleriniň satem toparyna girýän dilde gürländikleri, hatda bir tarapdan-a özboluşly gubur tradisiýasynyň bolandygy, bir tarapdanam ölülerini ýakandyklary barada ýazylan makalalara duş gelmek bolýar. Mälim bolşy ýaly, öli ýakma dessury hindi medeniýetine mahsus däp bolup hindi-ýewrola dilleriniň satem topary pars, ermeni we hindi halklarynyň gepleýän hindi-eýran dillerine girýär, ýakylan ölüler üçinem hiç hili mazar ulanylmaýar.
Şol sanda altaý-sibir halklary ýaly mazar tradisiýasyna eýe bolan traklaryň gubur gapylarynyň Gün we ýyldyz hereketleri bilen baglanyşyklydygy öňe sürülip, olaryň Gün hudaýyna çokunandygy baradaky çaklamalar bar. Hatda bir tarapdan traklaryň bu sebitlerdäki taryhynyň b.e.öň 1000-2000-nji ýyllaryna çenli uzaýandygy aýdylýar, başga bir tarapdanam ilkinji Ahameni pers imperiýasynyň b.e.öň 539-njy ýylda gurulandygyna garamazdan, traklaryň bu ýerlere persleriň basybalyjylykly ýörişleri döwründe aralaşandygyna degişli maglumatlar bar. Emma pers imperiýasynyň çäkleri şol döwürde Gerodotyňam aýdyşy ýaly traklaryň ýaşan (Danuber derýasynyň Garadeňiz deltasy) ýerlerini  öz içine almandyr. Traklary şuňa meňzeş dowamly üýtgäp tasa gelmeýän çaklamalara esaslanýan hindi-ýewropa çarçuwasyna getirjek bolup jan etmeler bilen taryha dogry düşünip bolmajaklygy köre hasadyr. Traklar bilen baglanyşykly orta atylýan pikirleri antik çeşmelere esaslanyp mälim etmek gerek.

Gerodot traklaryñ Danube derýasynyñ Garadeñiz deltasynda, taurlaryñam Danubäniñ daglyk ýerlerinde ýaşaýandygyny ýazýar. [Seret: Herodotus, 4, 93]
Balkan giñişliginde ýaşaýan skandinaw-ýewropa we demirgazyk afrika kökli halklarda gabat gelinmeýän, emma ähli altaý-sibir kowumlary ýaly traklarda-da at tradisiýasynyñ esasy orun tutýandygyny görmek bolýar.
Şol sanda trak mifologiýasynyñ iñ esasy legendasy hindi-eýran halklarynyñ pisindi oturmaýan böri mifologiýasydyr.
Miladynyñ IV asyrynda Dakiýanyñ ýepiskopy Nikita Remesianskiý hem trak taýpalaryndan bolan bessilere "dag börüleri" diýip at beripdir.
Böri mifologiýasyny Ýewropada ençeme asyrlap ýaşadan get (Getea) we dak (Dakian) ýaly trak taýpalary Gerodot tarapyndan traklaryñ iñ söweşjeñ şahasy hasaplanypdyr.
Prawoslaw buthanalarynda duş gelýän böri şypyrtmaly adamlaryñ haç göterip barýan grawýuralary daklaryñ (Dakian) hristianlaşdyrylandygyhy añladýar.
(Maglumat üçin awtoryñ "Göktürkler" makalasyna seret).
Şeýle-de traklaryñ ýene bir aýratynlyklarynyñ biri hökmünde görkezilen Megalit we Dolmen medeniýeti-de Sibirden Amerikadaky indeýlere, Ýakyn Gündogardan iñlis adalaryna çenli aralykda altaý-sibir halklarynyñ göç eden ähli ýerlerinde giñden duş gelýän özboluşly aýratynlykdyr.
(Maglumat üçin seret: Google-daky suratlar; Gornaya Shoria; Dolmen).
Trak nesilleriniñ häzirki wagtda ýaşaýan Balkan ýarymadasynda geçirilen genetiki barlaglar Balkan halklarynyñ altaý-sibir (R1), d.g afrika (E1b1) we skandinaw-orta ýewropa (I2) Y-gaplogruppalaryny göterýän halklaryñ dürli derejelerde garyşmagyndan emele gelen halklardygyny görkezdi.
Balkan halklarynyñ we prohindi-ýewropa diliniñ emele geliş prosesi-de professor Anatoliý Klýosow tarapyndan jikme-jik düşündirilýär.
(Serediñ: “Gen bilimine görä türkler” bölümi).

Trak sözüniñ düýp gelip çykyşy barada-da şulary aýtmak bolar:

rimli geograf Pomponiý Mela I asyrda Azow deñziniñ demirgazygyny "Turkae" diýip atlandyrypdyr.
[C.Beckwith-2009 “Empires of the silk Road“] [K.Czegledy-1983 “From east to West“] [P.Golden-1992 “Introduction to the history of the Turkic people“]

Bu sebitdäki “Tyrkae” diýlen taýpalaryñ “türklerdigini” miladynyñ 77-nji ýylynda ýazlan “History of Pliny the Elder” kitabynda-da aýdylýar.
[C.Beckwith-2009 s.115] [D.Sinor-1990 “Cambridge History of Early Inner Asia“ s.285]

Gürrüñi edilýän antiki çeşmeleriiñ we taryhçylaryñ aýdanlaryndan ugur alyp, trak taýpalarynyñam öz döwürdeşleri we ýanaşyk ýaşan goñşulary taurlar ýaly Kawkaz-Garadeñiz giñişliginiñ üstünden Balkanlara gelen hunlar, awarlar, bulgarlar, oguzlar, peçenegler-bosniýalylar, gypjak-kumanlar ýaly klassyky döwlet toparlanmasy gerek mahalynda konfederasiýalar guran syýasy jemgyýetçilik düşünjesine eýe bolandygyny kesgitläp bolýar.
Türkolog alym, professor Mirfatyh Zakiýew "Thrac-Trak" sözüniñem "türk" sözi ýaly “dağ halky” manysyny berýän “Tau-er” – “Tu-erk” sözüne baglanşykly orta çykandygyny öñe sürýär.

Halit ÝAŞARKURT.

Taryhy makalalar